# Ot öçer…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ot öçer… OT ÖÇER…




Ot öçer, çogy galar,
Suw akar, ýaby galar.
Gyş geler, geçer gider,
Pasyllaň ýazy galar.
Derýa akar, suw akar,
Derýanyň bady galar.
Bagbanyň ady ýitmez,
Yzynda bagy galar.

Öýüň ojagy galar,
Ojagynda – saçagy.
Bir gün enäň yzynda
Galar seçip-saçany.

Hyrçyn dişlär ogul-gyz,
Ojagyň ody galar.
Ýüreklerde ýadygär
Enäniň ady galar.

Ogul üçin, gyz üçin,
Onuň hak ýoly galar.
Dünýäň bir künjeginde
Enäň ykbaly galar.

Külli älem-jahanyň
Ol ýeke-täk şasydyr.
Her bir ynsan ömüri
Eneleň yhlasydyr.

Durdymuhammet GURBANOW. Goşgular